# TÜRKMENISTANYŇ
# KANUNY

## Türkmenistanyň Zähmet kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda

I. 2009-njy ýylyň 18-nji aprelinde Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Zähmet kodeksine (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 30-njy madda; 2010 ý., № 1, 6-njy madda, № 2, 34-nji madda; 2011 ý., № 1, 26-njy madda, № 4, 81-nji madda; 2012 ý., № 1, 12-nji madda; 2013 ý., № 2, 45-nji madda, № 3, 48-nji madda; 2014 ý., № 2, 76-njy madda, № 4, 129-njy we 151-nji maddalar; 2015 ý., № 1, 35-nji madda, № 3, 112-nji madda; 2016 ý., № 2, 101-nji madda; 2017 ý., № 1, 33-nji madda, № 3, 112-nji madda, № 4, 134-nji we 147-nji maddalar; 2018 ý., № 2, 48-nji madda; 2019 ý., № 1, 11-nji madda, № 4, 71-nji madda; 2020 ý., № 3, 48-nji madda; 2021 ý., № 1, 25-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 3, 74-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023-nji ý., № 1, 5-nji madda; № 2, 33-nji madda., 2024ý., № 3, 26-njy madda, № 4, 52-nji madda; 2025ý., № 1, 4-nji madda) şu üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli:

1) 39-njy maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendiniň ikinji tesimini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli;

2) 48-nji maddanyň üçünji böleginde «çaga seretmek boýunça rugsatdan » diýen sözleri «göwrelilik we çaga dogurmak, çaga seretmek boýunça rugsatlardan» diýen sözlere çalşyrmaly;

3) 72-nji maddanyň üçünji bölegine şu mazmunly tesimi goşmaly:

«Çalşyk tertipnamasynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygy önümçilik senenamasynda bellenen iş sagatlarynyň çäklerinde kesgitlenilýär we altygünlük iş hepdesinde gündelik işiň dowamlylygy 40 sagatlyk hepdelik kadasynda ýedi sagatdan ybarat bolan iş wagtyna deňleşdirilýär.»;

4) 88-nji maddanyň ikinji böleginiň 2-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«2) işgäriň hakyky işlemedik, ýöne Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri (wezipesi) saklanyp galan wagty, muňa çaganyň üç ýaşy dolýança oňa seretmek boýunça rugsadynyň wagty hem-de otuz senenama gününden köp bolan zähmet haky tölenilmeýän rugsady degişli däldir.»;

5) 97-nji maddada:

birinji bölekde «çaga üç ýaşyna ýetýänçä» diýen sözleri «çaganyň üç ýaşy dolýança» diýen sözlere çalşyrmaly;

dördünji bölegiň ikinji tesiminde «Üç ýaşyna çenli» diýen sözleri «Çaganyň üç ýaşy dolýança» diýen sözlere çalşyrmaly;

6) 218-nji maddanyň birinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«1) Önümçilikde betbagtçylykly hadysanyň ýa-da hünär keseliniň netijesinde işgär aradan çykan mahalynda kärhana aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna) aradan çykanyň ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin hakyky hasaplanan ýyllyk zähmet haklarynyň on esse möçberinde birwagtlaýyn kömek puluny töleýär. Ortaça zähmet hakyny hasaplamak şu Kodeksiň 131-nji maddasy bilen bellenilen tertipde geçirilýär.»;

7) 320-nji maddanyň dördünji böleginden soň şu mazmunly bölegi goşmaly:

«$4^1$. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleriniň esasynda iş beriji işgärler bilen zähmet şertnamalaryny ýatyryp bilmez.»;

8) 321-nji maddanyň dokuzynjy bölegini aýyrmaly;

9) 404-nji maddanyň 2-nji bendini güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girizilýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2025-nji ýylyň 22-nji noýabry.*
*№187-VII.*